# Kuran we Sünnet saýasynda,ylym öwrenmekligiñ ähmiýeti.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Allah Tagalanyñ rahmetinden soñra biziñ jennete girmegimize sebäp boljak zat salyh amallardyr. Amalyñ salyh bolmagy we Allah Tagalañ gatynda kabul bolmagy üçin iki şert gerekdir:

1-njisi edilen amal ýeke-täk Allahyñ razylygy üçin edilen bolmalydyr!

2-njisi Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) sünnetine laýyk bolmalydyr!

Ýagny birinji şerti üçin dogry akyda (ygtykat) gereklidir, ikinjisi üçin bolsa, sünneti gowy bilmelidir. Akyda we sünneti bilmek üçin bolsa, ylym öwrenmelidir. Biz ylymy näçe gowy öwrensek şonçada amalymyz dogry we dürs ýagny salyh bolar we jenneti gazanmagymyz ýeñilleşer. Şonuñ üçin hem Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär: **“Kim ylym öwrenmek üçin ýola çyksa, Allah Tagala ol kişi üçin jennete giden ýoly ýeñilleşdirer.”** [1]

Zamanamyzda ylym öwrenmegiñ esbaplarynyñ köpelmegine, dini ylym berip duran ýokary okuw jaýlarynyñ bar bolmagyna garamazdan, musulmanlaryñ din ylymyny öwrenmäge ýeterli derejede gaýrat sarp etmeýänini görýäris.

Bu makalamyzda Kuran-Kerim we Hadyslaryñ saýasynda ylymyñ we alymlygyñ ähmiýetine üns çekmek isledik. Musulman doganlarymyzyñ ylym öwrenmäge bolan gaýratlarynyñ artmagyna, bu makalañ wesile bolmagyny Allah Tagaladan dileýäris!

**Ylymyñ we alymyñ fazileti barada Kuran-Kerimden aýatlar:**

1-Allah Tagala şeýle diýýär: **“Aýt: Robbim ylymymy artdyr.”**[2]

Allah Tagala Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem) we ymmatyna mal-mülk ýa-da nesil däl-de, hut ylymyñ artdyrylmagyny dilemegi buýurdy. Çünki iki dünýäñ bagty diñe Allah Tagalany we Pygamberi (sallallahu aleýhi we sellem) tanadan ylymy öwrenmek we ol ylyma amal etmek bilen mümkindir. Selef-salyhynyñ diýişi ýaly: ynsanlar iýmek-içmekden beter ylyma mätäçdirler. Dini ylymdan mahrum bolan kişi, köp haýyrdan mahrum bolar.

2-Allah Tagala aýatda: **“Aýt: Bilýänler bilen bilmeýänler (ýagny ylymlylar bilen ylymsyzlar) deñ bolarmy?” diýdi.**[3]

Allah Tagala ylymly kişiler bilen ylymsyz kişileriñ deñ däldigini bize bildirdi. Bu hem alymlaryñ mahlukatyñ içindäki ornunyñ uludygyna delildir. Allah Tagala iman etmedik ynsanlardan, iman edenleri üstün kyldy. Iman edenleriñ içinde bolsa, alymlary üstün etdi.

Bu barada Allah Tagala şeýle aýtdy: **“Allah Tagala siziñ içiñizdäki iman edenleri we ylym eýelerini derejelere beýgelder.”**[4]

Ymam Taberi (rahimehullah) bu aýatyñ tefsirinde şeýle diýýär: “Allah Tagala imanly kişilerden ylymlylary, haçanda ylymlaryna amal eden wagtlarynda, ylym berilmeýän müminleriñ öñünde olary beýgelder.” [5]

3-Allah Tagala şeýle diýdi: **“Bendeleriñ içinden diñe alymlar Allahdan gorkarlar.”**[6]

Bu aýatyñ tefsirinde: Ýagny Allah Tagalany haky bilen tanap, haky bilen gorkýan alymlardyr. Alymlar näçe Allahy tanadygyja, Oña bolan söýgüsi, umydy we gorkylary artar, diýdiler.

Şonuñ üçin hem bir kişiniñ ylymy artyp başlasa, Allah Tagala bolan gorkysam, takwalygam artar. Ol kişä haram zatlardan uzaklaşmak, Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) sünneti bilen ýaşamak, Allah Tagalaga ybadat etmek ýeñil bolar.

4-Allah Tagala şeýle diýdi: **“Eger bilmeýän bolsañyz zikir ähline (ýagny alymlardan) sorañ.”** [7]

Allah Tagalanyñ hut özi alymlara ýüz tutmagy, bilmeýän zatlarymyzy olardan soramagy tabşyrýar. Bu bolsa, alymlaryñ mertebesiniñ beýikdigini görkezýär.

Köplenç ýaşlaryñ arasynda din meselede sorag ýüze çykanda öz kellelerinden bilse-bilmese jogap berişlerine duşmak bolýar. Emma Allah Tagala bize bilmeýän meselämizde bilýän kişilerden ýagny alymlardan soramagymyzy emr etdi. Şonuñ üçin her birimiz din meselesinde bir sorag ýüze çykanda, her kimden dälde, alyma ýa-da din ugrunda okan talyba ýüz tutmaly. Biz üçin iñ dogrusy şudyr.

Mysal üçin ýüregimiz agyrsa biz kime ýüz tutýarys? Her öñümizden çykana öz saglygymyzy ynanmakdan gorkýarys we iñ gowy lukmana ýüz tutýarys! Din meselesi jan-saglykdan kän ähmiýetlidir. Çünki öz janyny sowatsyz lukmana ynanan kişi saglygyny ýitirse, dini her ýerden we her kimden öwrenen kişi ahyrýedini howp asytynda goýýandyr. Eger seniñ din barada sorag soran kişiñ ylymsyz bolsa ýa-da bidgatçy bolsa, saña ýalñyş maglumat bermek bilen seniñ ahyrýediñi howpa salar!

Ýa-da başga bir mysal bereliñ! Eger biz gymmat bahaly bir zat satyn aljak bolsak ilkinji giren dükanymyzdan alman, eýsem birnäçe ýerden sorap-iýdäp bahaladyp görýäris! Haýsy ýer biz üçin amatly, haýsy ýeriñ harydynyñ hili has gowudygyny barlaýarys! Din meselesi mal-mülkden, jandan has ähmiýetlidir. Şonuñ üçin hem din meselede sorag ýüze çykanda Allah Tagalanyñ bize tabşyryşy ýaly alymlara ýüz tutmalydyr. Elbetde ýüz tutjak alymymyzyñ ähli-sünnet, selef-salyhynyñ ýolundan ýöreýän akydasy dogry we dürs bolan, geplände Kuran we Sahyh Sünnetden gürleýän alym bolmagyna üns bermelidir. Çünki zamanamyzda ylymy bolmasada alym syrap ýören az däldir!

**Ylymyñ we alymyñ ähmiýeti barada hadyslar:**

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýdi:

**1- “Allah Tagala kime gowlyk-haýyr islese, ol kişini dinde fakyh (alym) eder.”** [8]

Ajurri şeýle diýýär: **“Allah Tagala olar hakynda gowlygy-haýyr islände olary dinde fakyh-alym etdi, Kitaby we hikmeti öwretdi. Bendeleriñ öñünde çyra we ýurtlar üçin ýagtylyk etdi.”** [9]

Musulman doganlar, uýalar eger Allah Tagala sizi din ylymyny öwrenmäge höwes, yhlas beren bolsa, bu eýýäm gowulygyñ alamatydyr.

Köp kişi dünýewi ugurdan hukuk ýa-da lukmançylyk okasa, uly üstünlik hasap edýär, diplomy bilen öwünýär. Emma din ylymyna gezek gelende göýä buny bir-iki sany mollañ okaýan ylymy ýaly düşünje bilen garaýar. Aslynda bolsa, iñ abraýly ylym Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) goýup giden ylymyny öwrenmekdir.

**2-“Kim ylym almak üçin ýola çyksa, Allah Tagala ol kişi üçin jennete giden ýoluny ýeñilleşdirer.”** [10]

Allah Tagalanyñ rahmetinden soñra biziñ jennete girmegimize sebäp boljak zat dogry akyda (ygtykat) we salyh amaldyr. Dogry akyda eýe bolup we salyh amal etmek üçin bolsa, ylym zerurdyr. Eger üns berseñiz ylymsyz we alymlardan din öwrenmän ýören kişileriñ akydalary bozuk, amallaryna bolsa bidgat girip gidenini görersiñiz! Emma bir kişi Kuran we Sünnet saýasynda, ähli-sünnediñ ýoluna laýyklykda, öz akydasyny we amalyny dogrulasa ol kişiniñ jenneti gazanmagy hem ýeñilleşjekdir.

**3-“Adam ogly ölende şu üç zatdan başga ähli amaly kesiler: Sadakai-jariýe, peýda berip duran ylym we özi üçin doga-dileg edip duran salyh perzent.”** [11]

Eger dogry we dürs ylym alyp, ol ylyma amal edenimizden soñra ymmata peýdaly ylym goýup gidip bilsek. Musulmanlar ol ylymdan peýdalandyklaryça, bize sogaby geljekdir. Hadysda aýdylyşy ýaly: Haýyr-sogap işleri öwreden kişi, göýä ol zady özi eden ýaly sogap gazanar.

**4-“Ylym öwrenmek ähli musulmana parzdyr.”** [12]

Ýediden-ýetmişe, erkekden-zenanlara çenli her bir musulman ylym öwrenmelidir. Ylym öwrenmek sallançakdan - gabyra çenli dowam edýändir.

**5-“Dünýä we dünýädäkiler melundyr (lagnatlydyr). Diñe Allahy zikir etmek bilen meşgul bolan we oña ýardam edýän ylym eýeleri (alymlar) we ylym öwrenen kişi bulardan däldir.”** [13]

Biz haýsy topara degişli? Ylym öwrenýänmi ýa-da öwredýänmi?

**6-“Kim ylym almak üçin ýola çyksa, gaýdyp gelýänçä Allah ýolundadyr.”**[14]

**“Alymyñ abide (gula) bolan üstünligi, aýyñ ýyldyzlara bolan üstünligi ýalydyr. Alymlar Pygamberleriñ mirasçylarydyr. Pygamberler dinar, dirhem miras goýmadylar. Olar diñe ylym miras goýup gidendirler. Kim ol mirasdan paý alsa, bol-elin, bereketli paý aldygydyr.”** [15]

Halalyndan gazanç etmek hem ybadatdyr. Emma iñ gowy gazanç, iñ haýyrly baýlyk Pygamberimizden (sallallahu aleýhi we sellem) galan mirasa eýe bolmakdyr.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

*1-Sahyh Muslim, K.Zikir we'd Dua, No: 38.*

*2-Taha, 20/114.*

*3-Zümer, 39/9.*

*4-Mujadele, 58/11.*

*5-Jamiul-Beýan 28/19.*

*6-Fatyr, 35/28.*

*7-Enbiýa, 21/7.*

*8-Sahyh Buhari, K.Ilim /10. Sahyh Muslim, K.Imara, No: 175.*

*9-Ahlakul-Ulema /94.*

*10-Sahyh Muslim, K.Zikir we'd Dua, No: 38.*

*11-Sahyh Muslim, K. Wasyýýe, No: 14.*

*12-Ibn Maje, Hasen hadis.*

*13-Tirmizi, 4/2322. Hasen-garib.*

*14-Tirmizi, 5/2647. hasen-garib.*

*15-Tirmizi, 5/2685.*